Düşler, adamzadyň akyl ulgamynyň örän gymmatly we şüweleňli bir bölegidir. Düşler adama aň, duýgy we tebigat barada çuňňur düşünje berýär. Düşler diňe bir ýatanda göz öňüne gelen şekiller däl, eýsem köplenç duýgularyň we pikirlermiziň şekillendirilmesidir.

Düşler taryhda köpdürli mazmunda yzarlanyp, dürli medeniýetlerde we dinlerde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Gadymy Mesopotamiýada we Müsürde düšler adamlaryň we hudaýlaryň arasyndaky aragatnaşyk hökmünde görülüpdir. Grek we Rim filosoflary düšleriň psihologiýasyna we aňyýetine çuňňur täsir edendigine ynanypdyrlar.

Düşler adamlaryň häzirki duýgularynyň we pikirleriniň bir görnüşidir. Psiholog Sigmund Freud düšleriň içki arzuwlar we wehimler bilen baglanyşyklydygyny öňe sürdi. Onuň pikirine görä, düšler adamyň göz öňüne getiren gizlin isleglerini görkezýär. Carl Jung bolsa, düšleriň köptaraplaýyn we tebigatyň simwolizmini özünde jemleýändigini aýtdy. Ol düšleriň jemgyýetçilik we kollektiw aňyýetiň önümi diýip hasaplaýar.

Düşler adamzat aňynyň we aň aladasynyň çuňňur bir bölegidir. Köp adamlar düşlerde özleriniň duýgularyny we arzuwlaryny aňladýarlar. Düşleriň täsiri adamyň gündelik durmuşyna täsir edip biler. Käbir düşler adamyň garaýşyny we oý-pikirini üýtgedip biler. Adamlar düşlerde görýän zatlaryny ýatlap, özlerini we durmuşy has gowy aňlap bilerler.

Köp adamlar düşleriň mazmunyny düşündirmek üçin özleriniň duýgularyny we arzuwlaryny analiz edýärler. Bu bolsa adamlara özleriniň aň we duýgy sistemalaryny has gowy bilmek üçin kömek edýär. Düşleriň çuňňur mazmuny köp zatlary özünde jemleýär we adamlar bu mazmuny düşündirmek üçin dürli filosofiýalary we psihologiýalary ulanýarlar.

**Ogulsuraý HUDAÝNAZAROWA**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.02.2025